# Mumyýa

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Mumyýa MUMYÝA

Tapypdyr saglygyň gerek dermanyn,
Maral agtaransoň beýik daglary.
Ýaşanmyş keseliň garasyn görmän,
Ýene gözlänmişin depeläp gary.

Bir günem duşupdyr awçy bir goja,
Degipdir aýagna onuň güllesi.
Dag maraly uzaklary söküpdir,
Gelipdir uzakdan aglaýan sesi.

Öňki dermanyny tapypdyr ýene,
Heniz topragyna bermänkä ýanyn.
Gün-günden sagalyp daýanan keýik,
Şeýdip halas eden öz şirin janyn.

Bereket eçilen syrly tebigat,
Saglygyň dermanyn saklaýan gaýa.
…Müň derdiň melhemi bolup bilýäň sen,
Belentlikde gizlenseň-de, Mumyýa! Goşgular